# Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersiteti “Açyk gapylar” gününe gatnaşmaga çagyrýar

Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersiteti sizi 2025-nji ýylyň 3-nji maýynda sagat 14:00-da “Açyk gapylar” gününe gatnaşmaga çagyrýar. Bu çärede uniwersitetimizde bilim almaga isleg bildirýän ýaşlarymyz ýokary okuw mekdebimiziň fakultetleri, hünärleri, okuwlaryň gurnalyşy we uniwersitetimizde ýokary hünär bilimini almagyň artykmaçlyklary bilen tanyşarlar. Bu gün dalaşgärlere uniwersitetiň ýolbaşçylary we mugallymlary bilen duşuşmaga mümkinçilikler döredilер.

“Açyk gapylar” gününde myhmanlara uniwersitetimiziň ähli mümkinçiliklerini açyp görkezjek gezelençler, sergiler, görelde sapaklary, zehin bäsleşikleri we beýleki bilim, ylym bilen bagly gyzykly çäreler guralar. Dalaşgärler uniwersitetiň bilim, ylym babatynda mümkinçilikleri, şeýle hem daşary ýurt dilinde ýokary hünär bilimini almagyň aýratynlyklary we uniwersitetimiziň onlaýn platformalary, halkara ülňülerine laýyk gelýän iň täze tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan okuw we kompýuter otaglary bilen giňişleýin tanyşyp, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda ýaşlar syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändigine şaýat bolarlar.

Myhmanlar talyplaryň okuwdan daşary ylmy gurnaklara, ylmy kitaphanalara, sport we medeni-köpçülik çärelere işjeň gatnaşyp özleriniň boş wagtlaryny ylyma, bilime we döredijilik bilen meşgullanmaga sarp edýändiklerine göz ýetirerler, şeýle-de ýurdumyzyň sebitlerinden gelip okaýan ýaşlarymyzyň döwrebap umumy ýaşaýyş jaýlaryndaky gyzykly talyp durmuşy bilen tanşyp bilerler.

**HYYÖU administrasiýasy, açyk gapylar güni ähli isleg bildirýän we maksada okgynly ýaş oglan-gyzlar bilen duşuşmaga şat bolar!**

**Biziň salgymyz: Aşgabat şäheriniň (Andalyp) 1958 köçesiniň 169-njy jaýy.**

**Habarlaşmak üçin telefonlar: 39-85-42, 39-85-13, 39-85-40, 39-85-33, 39-85-28, 39-85-29.**

Все права защищены